# NATO: Günbatar siwilizasiýasynyñ parçasymy ýa könelişen jeñ maşynymy?

Category: Gutlaglar,Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025

NATO: Günbatar siwilizasiýasynyñ parçasymy ýa könelişen jeñ maşynymy? NATO: GÜNBATAR SIWILIZASIÝASYNYÑ PARCASYMY ÝA KÖNELIŞEN JEÑ MAŞYNYMY?




*Siziñ pikiriñizçe, Awstriýa, Irlandiýa, Malta, Ýaponiýa, Täze Zelandiýa NATO guramasyna agza däldikleri üçin adam hukuklary babatda beter erbet ýagdaýdamy?*

*Türkiýäniñ prezidenti we AKP-nyñ başlygy Rejep Taýýip Erdogan ABŞ-nyñ prezidenti Jo Baýden NATO-nyñ baş sekretary Ýens Stoltenberg, Angliýanyñ öñki premýer-ministri Boris Jonson NATO-nyñ 2022-nji ýylda Madridde geçirilen ýygnanyşygynda*

Megerem, men diýsem pitiwa etmersiñiz, şonuñ üçin örän meşhur

we baý biriniñ Ilon Maskyñ sözlerine salgylanaýyn (Onuñ 200 milliard dollary bar, ýagny ondaky pul mendäkiden 200 milliard dollar has köp).
Amerikan işewüriniñ mart aýynyñ başlarynda Warşawa paktynyñ otuz ýyldan gowrak wagt mundan öñ ýatyrylandygyny ýatladyp, «baş duşmany aradan aýrylandygyna görä NATO näme sebäpli şindizem bar?» diýip soraýardy.
Oña jogap berenleriñ birem Latwiýanyñ prezidenti Edgars Rinkewiçs boldy:
*– NATO-nyñ gurluş şertlerini emele getirýän sebäp – Russiýa we azat dünýäniñ beýleki duşmanlary şu günem bar, soñam bolarlar.*

- **«Demokratmyñ, NATO dil ýetirme!»**

NATO-nyñ näme üçin bardygyny derñeýän soraglaryñ we çemeleşmeleriñ ýurdumyzda sagçydyr çepçi frontdaky gaty köp gatlakdan, şeýle-de döwürdeş, demokratiýa we adam hukuklaryna goldanýan düzgün gurulmagyny isleýän adamlaryñ bir böleginden nägileçilikli seslenme alýandygyny bilmän duramok.
Bu ýurtda belli bir pikiri öñe sürmek, hatda sorag bermek hem juda kyn. Seni şonada kellelerde emele gelip, şobada kereplenen kategoriki galyplardan birine gaplap goýberýärler:
– Kommunist!
– Könebiçüw çepçi!
– Nasionalist, milletçi!
– Günbatar duşmany!
– Putinçi!
«Walla, men bularyñ hiç biri däl» diýseñ-ä, hiç alajy ýok. Bular ýaly bölünişik şertlerinde hiç kimsäniñ inçeden düşünesi gelenok. Eliñdäki tagmalardan bas alnyna, gidibersin!
Aý-how, doganjygym, men «Günbatar siwilizasiýasy» diýlende, şahsy hak-hukuklaryñ, demokratiýanyñ, azatlyklaryñ, baý we adam şekilli durmuşyñ pikirini alyşarys öýdýärdim.
NATO harby-syýasy pakt. Hawa, paktyñ resminamalaryna göz aýlasak, agzalyk üçin «hukuk döwleti we demokratik strukturalaryñ hökmanylygy» ýaly talaplaryñ ýazylgydygyny

görýäris, emma birem öwrülip agzalaryna seredilende, muña o diýenem eýerilmeýändigini görýäris.
NATO «kollektiwleýin howpsuzlyk guramasy». Emma biziñ günlerimizde bir ýandan Russiýa, bir ýandan NATO bütin dünýäniñ howpsuzlygyny uçurymyñ erñegine getirdiler we şol erñekde depişýärler.
Harby bileleşigiñ gereklidiginden, hatda gutulgysyzlygyndan şübhelenýän diñe men däl. «Günbatar siwilizasiýasynyñ» içinden ýa-da oña ýakyn durýanlardanam meniñ ýaly pikir edýän ýa-da azyndan şübhe duýýanlar barmak büküp sanardan köp.
Ýeri gelende aýtsak, siziñ pikiriñizçe, Awtsriýa, Irlandiýa, Malta, Ýaponiýa, Täze Zelandiýa NATO guramasyna agza däldikleri üçin adam hukuklary babatda erbet ýagdaýdamy? Bularyñ birinji üçüsi Ýewropa bileleşiginiñ (ÝB) agzasy. (ÝB-niñ jemi agza sany 27, elbetde hemmesi ýewropa ýurtlary. NATO-nyñ hemi 32 agzasyndan ABŞ-dyr Kanadadan başgasy Ýewropada).




• **ABŞ-nyñ elindäki oýnawaç**

Geçen gezekki makalalarymyñ birinde munuñ tapawutly tarapyny

ýazypdym.
Şol ýazgyda «NATO-nyñ asla giñemejegi» sözi bilen Gorbaçýowy aldan günbatarly liderleriñ, has soñra Ýelsindir Putiniñ «Barybir ulalman oñmajak bolsañyz, Russiýany-da pakta agza ediñ» çagyryşyny ret edişini ýazypdym.
Hakykatdanam 90-njy ýyllaryñ başynda Sowet Soýuzy we Warşawa pakty taryhyñ çañly sahypasyna siñendigine görä, ýeñiji pakt NATO-nyñ wezipesini añryýany bilen ýerine ýetirendigi mynasybetli ony ýatyrmagyñ pikirini etmelidi. Ýöne munuñ pikirini eden bolmady. Täze agzalar bilen ädimme-ädim giñelme meýilnamasy hereket etdi.
Gurama häzire çenli on gezek agza sanyny köpeltdi, üstesine täze agzalaryñ hemmesi öñki sowet respublikalary we Sowet Soýuzynyñ öñki ýaranlary bolan sosialistik döwletlerdi.
NATO-dan el çekilmedi, çünki ol birnäçe nukdaýnazardan ulanmaga amatly mehanizmdi. Diñe harby taýdan däl, syýasy taýdanam oýnawaç kemi ýokdy. Ony ulanyp köplenç çaknyşyga girmezdenem, zarba urujy taktikalar bilen «burny deşilen» garşydaşlar, ahyrynda agyr sosial-ykdysady proseslerinem basyşy bilen ýeñlişe bakan iterilýärdi.
Bu guramanyñ üsti bilen Günbataryñ, onuñ hojaýyny ABŞ-nyñ güýjüni bütin dünýäniñ boýnuna dakmagy añsatlaşýardy.
Bu shema belki-de, iñ köp häzir doly güýjüni saklaýar. Geçmişde paktyñ dürli ýagdaýlary başdan geçiren döwürleri boldy. Fransiýanyñ prezidenti Makronyñ 2019-njy ýylda «Beýin ölümi bolup geçdi» diýýän NATO-sy häzir Russiýa-Ukraina uruşy arkaly her wagtkysyndan has dinamiki se konsolirlenen ýagdaýda.
Şu manyda ABŞ-nyñ prezidenti Jo Baýdeniñ rus lideri Putini manipulirläp uruşa girme islegini goldama başarnygy sebäpli gutlaýandygyny çaklasa bolar. (Hakykatda edil häzir ýakynlaşyp gelýän saýlawlar boýunça barha güýçlenýän Trampyñ kölegesinden gorkup, onçakly begenere ýagdaý galmadyk bolmagy-da mümkin).
Meýilnama doly güýjünde hereket edýär. Formula şeýle: «Günbataryñ puly + Ukrainalylaryñ gany = Russiýanyñ gowşamagy». Şu formula bilen ölen ukrainlere we ruslara gynanmagyñ geregi ýokdugyny size aýdyp oturmagymyñ hajaty ýok

bolsa gerek.




- **NATO hemişe duşman gerek**

NATO-nyň ömrüni dowam etdirmegi we ösmegi üçin edil birinji onýyllyklarynda bolşy ýaly «duşmana» we bölünişige mätäçligi bar. Öňler duşman SSSR we kommunizmdi, häzir Russiýa bilen Hytaý (olara Eýran, Demirgazyk Koreýa ýaly ýurtlary-da goşup bolar). Paltyň könelişen düşünjesiniň bardygyny, shemalara baglydygyny, özüni täzeläp bilmeýändigini arkaýyn aýtsa bolar. Näme diýseňiz diýiň, ahyrynda NATO könelişen guramadyr.
Şonuň üçinem onuň özgerýän zamana bilen aýakdaş gitmegi-de aňsat bolmaýar: Mysal üçin, agza sanyny köpeldende kabul edýän her bir kararyny biragyzdan ses berilşik bilen kabul etmäge dyrjaşýan paktyň sany barha artýan agzalarynyň bähbitlerini tegelek stolyň başynda jemlemekde kynçylyk çekýän Şwesiýanyň agzalyk müddetiniň orta goýşy ýaly görülýär we mundan soň hasam köp görüljege meňzeýär.
4-nji aprelde ýetmiş bäşinji ýaşyny doldurýan NATO iýulda Waşingtonda ýetmiş bäş ýaşynyň taryhy ýubileý toýuny belläp geçmäge taýýnlanýar. Hökman dabaraly gutlaglar we el çarpyşmaly nutuklar ünsümize düşer. Emma bileleşigiň XXI

asyryň reallyklaryna uýgunlaşan täzelenme çarçuwasyna girjekdigininiň yşaraty heniz orta çykmady. Has köp Ukraina meselesi we paktyň býužetindäki we wezipesindäki Amerika-Ýewropa deňagramlylygynyň üstünde duruljaga meňzeýär.
Elbetde, şol ikiarada NATO bilen Moskwanyň arasyndaky dartgynlylyk howply ýagdaýda güýçlenýär. Bilnikli ýa-da bilniksiz çykyp biljek ýekeje uçgun Russiýa bilen pakt agzasy ýurtlaryň birini, aýratynam 5-nji madda güýje girse, tutuş bileleşigi uruşa sokup biler.
NATO-nyň Rumyniýada gurulýan iň uly harby bazasy Garadeňizde artýan howplary we Kremliň «Diňe bize garşy uruşa girjek «F-16-lary däl, olaryň uçýan howa menzilleriniň we bazalarynyňam külüni göge sowrarys» diýmegi we başga-da bolup geçen birnäçe üýtgeşme dünýäniň ýadro ýangyny bilen ýok bolma ähtimallygynyň mundan beýläk gury samrama bolmajakdygynyň pikirini etdirýär.
Dogrusy, külli adamzat bolup, edil häzir kyn ýagdaýy başdan geçirýäris. Bu kynçylygy wagtyň geçmegi bilen Russiýany NATO-nyň düzümine alyp, ullakan döwleti pakta uýgunlaşdyrmagyň kynçylyklary bilen deňeşdirmäge hakymyz bar bolsa gerek. Hem munuň haýsysynyň has mantykly çözgüt boljakdygyny soramaga-da.
Hakykaty aýtmaly bolsa, biziň hakymyz bolanda näme üýtgeýär. Häzirki wagt dünýäniň iň girdejili işleriniň birini edýän ýarag öndürijileriň we satuwçylartň hak-hukuklary we ygtyýarlyklary biziňkiden has köpdügine görä…

Hakan AKSAÝ.

«T24» internet gazeti, 06.04.2024 ý. Publisistika